# Ejemjana

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ejemjana EJEMJAMA

Gara saçym sypan eliň ýylysy,
Käbäm ejem kalbymdadyr hemişe,
Ir-säherde edýän doga-dilegiň,
Saňa mährim ýakyn eder alysy.

Öwretdiň sen bize tämiz bolmagy,
Ýöremegi mydam halal ýodadan.
Okamagy, öwrenmegi, bilmegi,
Hem görelde almaklygy sadadan.

Seniň beren terbiýäň -edebiň bize,
Gymmatlydyr mülkli anbardan.
Altyndan gymmatly öwütli sözleň,
Hiç haçan çykmaz gyzyň ýadyndan.

Aýlar TAGANOWA,
Türkmenbaşy şäheri. Goşgular